***Türkmenistanyň Bitaraplygy – bu biziň buýsanjymyz, asuda durmuşymyzyň sarsmaz sütünidir. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy – parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly ajaýyp eseri bu mukaddes düşünjäniň mazmunyny açyp görkezýän gymmatly gollanmadyr. Bu eseriň mekdebe çenli ýaşly çagalaryň terbiýeçilik işlerinde ornaşdyrylmagy geljekki kämil şahsyýeti kemala getirmekde möhüm ädimdir.***

Mekdebe çenli edaralarda bu eseriň öwredilmegi watançylyk duýgusyny kemala getirmekde, dostluk we agzybirlik terbiýesini düşündirmekde, milli gymmatlyklara sarpany beýan etmekde uly ähmiýete eýedir. Çünki kitapda beýan edilýän maglumatlar we parahatçylyk söýüjilik ýörelgeleri çagalara Watanymyza bolan söýgini we buýsanjy döredýär. Ýaşyl Tugumyzyň arassa asmanymyzda parlamasynyň asuda durmuşyň nyşanydygy körpejelere ýönekeý we düşnükli dilde düşündirilýär.

Kitabyň adynda hem bellenip geçilişi ýaly, «ynanyşmak» we «parahatçylyk» düşünjeleri çagalar bagyndaky terbiýeçilik sagatlarynyň özeni bolup durýar. Bu eser arkaly çagalara diňe bir öz aralarynda däl, eýsem, bütin dünýä halklary bilen dostlukly bolmagyň zerurlygy aňladylýar. Çünki hormatly Prezidentimiz öz eserinde türkmen halkynyň parahatçylyk söýüjilikli däplerine aýratyn üns berýär. Terbiýeçiler bu ýörelgeleri ulanyp, çagalarda agzybirlik, myhmansöýerlik we haýyr-sahawatlylyk ýaly häsiýetleri ösdürýärler.

Çagalar baglarynda bu kitabyň mazmuny esasynda guralýan ýöriteleşdirilen sapaklar körpeleriň dünýägaraýşyny giňeltmäge ýardam edýär. Meselem, parahatçylyk kepderisiniň we Ýer şarynyň şekillerini çekmek arkaly, çagalar Bitaraplygyň dünýä üçin nähili ähmiýetlidigini öz hyýallarynda janlandyrýarlar. Jemläp aýdanyňda, bu eser çagalar bagynda terbiýelenýän her bir körpäniň kalbynda parahatçylygyň gadyryny bilýän, döwletimize we taryhymyza wepaly nesil bolup ýetişmegi üçin ruhy sütün bolup hyzmat edýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu kitaby biziň nurana geljegimiz bolan çagalaryň bagtyýar durmuşynyň kepilidir.

**Mähri ORAZOWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň 7-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026